**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**K A R A R Y**

«01» noýabr 2019 ý. № 1452 Aşgabat ş.

030.170.070
030.100.080
030.130.050
010.150.010
190.020.020

# Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginin Tertibini tassyklamak hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2019 ý., № 10-11, 1329-njy madda)

«Kärende hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda döwlet emlägini kärendesine bermegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginin Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi:

1) döwlet emläginiň kärende şertnamalaryny bellenen tertipde bellige almaly;

2) Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

3. Şulary güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli:

1) «Döwlet emlägini peýdalanmagyň tertibini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2002-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 5835-nji kararynyň (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2002-nji ýyldaky 8-nji ýygyndysynyň 413-nji maddasy) birinji, ikinji, üçünji, dördünji, altynjy böleklerini;

2) «Döwlet emläginiň kärendesinden alynýan peýdanyň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 9-njy martynda çykaran 7808-nji kararynyň ikinji bölegini.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlary, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri, beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2019-njy ýylyň 01-nji noýabrynda
çykaran 1452-nji karary bilen
tassyklandy

**Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň**
**TERTIBI**

1. Döwlet emläginiň kärendesine berilmeginiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) döwlet emläginiň kärende şertnamalaryny (mundan beýläk – kärende şertnamasy) baglaşmagyň, kärende tölegini hasaplamagyň, paýlamagyň tertibini kesgitleýär we döwlet emlägini kärendesine bermek bilen bagly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň, beýleki döwlet edara-kärhanalarynyň (mundan beýläk - hasabynda saklaýjylar) hasabynda duran jaýlar, desgalar, otaglar, enjamlar, mehanizmler, ulag serişdeleri we beýleki emläkler (maksatlaýyn niýetlenişi boýunça ulanylmaýan bolsa (oturdylmadyk, konserwirlenen bolsa), ýöne tehniki ýagdaýy boýunça ulanmaga ýaramly hem-de kärendesine bermek önümçilige zyýan ýetirmeýän bolsa) döwlet emlägini wagtlaýyn kärendesine bermegiň obýekti (mundan beýläk - kärendäniň obýekti) bolup durýar.

Şeýle-de, döwlet kärhanalarynyň, olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň emläk toplumlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olar üçin bölünip berlen ýer bölekleriniň dolulygyna ýa-da bölekleýin goşulmagy bilen, kärendesine berlip bilner.

Bir bitewi duran obýekt iş aýratynlygyna laýyklykda bölekleýin kärendesine berlip bilner.

Pul serişdeleri we gymmatly kagyzlar, intellektual işiň netijelerine bolan aýratyn hukuk (intellektual eýeçilik), şeýle hem raýat dolanyşygynda bolmagyna Türkmenistanyň kanunçylygynda ýol berilmeýän ýa-da çäklendirilýän emläk kärendäniň obýekti bolup bilmeýär.

3. Döwlet emläginiň tirkeşikli kärendesine berilmegine ýol berilmeýär.

4. Döwlet emläginiň kärendesine berijisi bolup bu emlägi hasabynda saklaýjy (mundan beýläk - kärendesine beriji) çykyş edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi (mundan beýläk - ygtyýarly edara) döwlet emläginiň aýry-aýry obýektleri we görnüşleri boýunça kärendesine beriji bolup çykyş edip biler.

5. Kärendäniň obýektini peýdalanýan Türkmenistanyň raýaty, daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam we (ýa-da) Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletiniň ýuridik şahsy, şeýle hem daşary ýurt döwleti ýa-da halkara guramasy kärendeçi (mundan beýläk - kärendeçi) bolup durýar.

Býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän ýuridik şahslar kärendeçi bolup durmaýar, olara döwlet emlägi kanunçylyga laýyklykda şertnama esasynda mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýär.

Ministrlige (pudaklaýyn dolandyryş edarasyna, häkimlige) we onuň ulgamyna degişli edara-kärhanalara öz aralarynda hasabynda duran emlägi kärendesine bermäge ýol berilmeýär. Şunda emläk kanunçylyga laýyklykda şertnama esasynda mugt peýdalanmaga (ssuda) berilýär.

6. Kärendesine beriji we kärendeçi döwlet emlägi bilen bagly kärende gatnaşyklarynyň subýektleri bolup durýarlar.

7. Emlägiň kärendesine berilmegi bu emläge eýeçilik hukugynyň berilmegine eltmeýär.

8. Kärendesine alnan döwlet emlägini ätiýaçlandyrmak kärendeçi tarapyndan öz serişdeleriniň hasabyna bellenen tertipde amala aşyrylýar.

9. Kärende şertnamasyny baglaşmak şu Tertibe laýyklykda amala aşyrylýar we şertnamanyň taraplarynyň hukuklary, borçlary hem-de jogapkärçiligi şol şertnamada görkezilýär.

10. Baglaşylan kärende şertnamalary, olaryň üýtgedilmegi, olara goşmaçalaryň girizilmegi, olaryň möhletiniň uzaldylmagy we bes edilmegi baradaky ylalaşyklar ygtyýarly edara tarapyndan kanunçylykda bellenen tertipde bellige alynýar we olaryň hasaby (elektron reýestri) ýöredilýär.

11. Kärendesine berilýän emlägiň görnüşine, kärendäniň maksatlaryna we şertlerine baglylykda kärende şertnamasy bir ýyla çenli, bäş ýyla çenli baglaşylyp bilner. Hasabynda saklaýjy bilen baglaşylan başga bir şertnamanyň şertleri boýunça kärendeçiniň kärendesine alynýan zat babatda öz üstüne maýa goýum borçlaryny alýan ýa-da kärendeçiniň kärendesine alnan zat bilen baglanyşykly işiniň uzak möhletli häsiýetde bolan halatlarynda şertnama bäş we şondan köp ýyl üçin baglaşylyp bilner. Şunda kärende şertnamasynyň möhleti kärendäniň obýektiniň ulanyş möhletinden geçmeli däldir.

Eger ulanyş möhleti geçen emläk, tehniki howpsuzlyk kadalarynyň talaplaryna laýyklykda kanagatlanarly ýagdaýda bolsa we dikeldiş bahasy boýunça ol hasaba goýlan ýagdaýynda, şol emlägi kärendesine bermek barada şertnamalary baglaşmaga ýol berilýär.

Şunda gozgalmaýan emläklere gaýtadan kesilen bahanyň 30 göterimi möçberinde, gozgalýan emläklere gaýtadan kesilen bahanyň 20 göterimi möçberinde kabul edilýär.

12. Kärende şertnamasyny baglaşmak degişli şahsyň kärendesine berijä ýüztutmany bermegini, kärendäniň şertleriniň, möhletiniň we kärende töleginiň möçberiniň kesgitlenmegini, resmileşdirilmegini we bellige alynmagyny öz içine alýar.

Şol bir kärende obýektini kärendesine almak üçin iki we şondan köp arza bolan halatynda, kärende şertnamasy kärendesine beriji tarapyndan geçirilen ýapyk bäsleşigiň ykrar edilen ýeňijisi bilen baglaşylýar, şunuň ýaly bäsleşigi geçirmegiň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

Kärende şertnamasy kärendesine beriji bilen ýüztutmany beren şahsyň arasynda ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

13. Kärende şertnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) şertnamanyň taraplarynyň ady, hukuk salgysy we maglumatlary;

2) kärende obýektiniň ady, görkezijileri, düzümi, sany, bahasy, ýerleşýän ýeri we kärende obýektiniň peýdalanylmagynyň maksady;

3) kärendesine berilýän emlägiň berilmeginiň şertleri we tertibi, kärendäniň möhleti;

4) kärende töleginiň möçberi, özara hasaplaşyklaryň tertibi we möhletleri;

5) kärende şertnamasyny üýtgetmegiň ýa-da bes etmegiň, möhletini uzaltmagyň we (ýa-da) üýtgetmegiň tertibi we şertleri;

6) taraplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, şol sanda:

a) kärendesine berijiniň şertnamada bellenilen maksatlaýyn niýetlenilişi boýunça peýdalanylmagy üçin ýaramly bolan emlägi kärendeçä bermek hem-de kärendesine berilýän emläge üçünji şahslaryň hukuklary hakynda duýdurmak borjy;

b) kärendeçiniň şertnama bes edilenden soň kärendesine alnan emlägi dogry peýdalanmagynyň netijesinde dörän kadaly könelmäni hasaba almak bilen, ony alan ýagdaýynda, kärendesine berijä gaýtarmak borjy;

ç) kärendesine beriji bilen kärendeçiniň arasynda kärendesine alnan emlägiň ulanylmagy we abatlanylmagy boýunça borçlaryň paýlanylmagy;

d) kärendeçiniň kärendesine alnan emlägi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýagdaýlarda ätiýaçlandyrmak borjy;

e) kärendesine beriji tarapyndan kärendesine berlen emlägiň ýagdaýyna gözegçiligiň amala aşyrylmagynyň tertibi;

ä) kärendeçiniň kärende tölegi boýunça borjuny bellenen möhletde ýerine ýetirmänligi sebäpli, puşmana pulunyň tölenilmegi;

7) kärende şertnamasynda kärendäniň beýleki şertleri hem göz öňünde tutulyp bilner.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da kärende şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärendesine berijiniň jaýy, desgany kärendeçä bermek borjy we kärendeçiniň jaýy, desgany kärendesine berijä gaýtarmak borjy kärende şertnamasynyň taraplary tarapyndan kabul ediş-tabşyryş ykramamasyna gol çekilenden soň ýerine ýetirilen diýlip hasap edilýär.

14. Kärende şertnamasy her biriniň deň hukuk güýji bolan üç asyl nusgada taýýarlanylýar hem-de oňa kärendesine berijiniň ýolbaşçysy we kärendeçi (ýuridiki şahs bolanda onuň ýolbaşçysy) tarapyndan gol çekilýär.

Nusgalaryň biri kärendesine berijide, biri kärendeçide, biri bolsa ygtyýarly edarada saklanylýar.

15. Kärendesine alnan emlägiň kärende şertnamasyna laýyklykda maksatlaýyn we kanunalaýyk peýdalanylandygy üçin kärendeçi kärendesine berijä pul we (ýa-da) hakyky özlügi (natural) görnüşinde kärende tölegini töleýär.

Kärende tölegini geçirmegiň tertibi, şertleri we möhletleri kärende şertnamasy bilen kesgitlenilýär. Haçan-da olar şertnamada kesgitlenilmedik ýagdaýlarynda taraplar tarapyndan deňeşdirip bolýan ýagdaýlarda adatça şoňa meňzeş emlägiň kärendesinde ulanylýan tertip, şertler we möhletler bellenilen diýlip hasap edilýär.

Çylşyrymly zat üçin kärende tölegi bilelikde ýa-da onuň her bir düzüm bölegi üçin aýratynlykda bellenilip bilner.

Daşary ýurt raýatlary we ýuridik şahslary, daşary ýurt döwletleri, halkara guramalary bilen baglaşylýan kärende şertnamalarynda kärende töleginiň puly Türkmenistanyň pul kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

16. Kärende tölegi kärende gatnaşyklarynyň başlanan senesinden tölenmäge degişli bolup durýar.

17. Döwlet emläginiň kärende obýektiniň meýdan birligi ýa-da başga görkezijiler üçin kärende tölegi ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

18. Kärende tölegi şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, kärendesine alnan emlägiň bahasynyň üzülmegini (kärende döwründe gaýtadan baha kesilmegini hasaba almak bilen, onuň könelmeginiň öwezini dolmak üçin geçirilýän ulanyş geçirimlerini);

2) kärende şertnamasynda bellenilýän kärende göterimini (kärendesine berijiniň kärendesine alnan emlägi ulanmakdan alyp biljek peýdasyny);

3) kärende tölegine, şeýle-de kärendeçi tarapyndan kärendesine berijä onuň kärende möhletiniň tamamlanmagy boýunça obýektleriň abatlanylmagy üçin geçirilen serişde hem goşulyp bilner.

Emlägiň kärendesi üçin tölegiň möçberi, kärendeçiniň amala aşyrýan iş (işiniň, hyzmatlarynyň) görnüşleriniň hasaba alynmagy bilen, şeýle hem kärende obýektiniň ýerleşişiniň (degişli çäkleri zolaklara bölmegiň, gatynyň, infrastrukturalar bilen üpjünçiliginiň we elýeterliliginiň) hasaba alynmagy bilen kärende şertnamasynyň baglaşylan senesinde emlägiň şuňa meňzeş görnüşleri üçin kärende hyzmatlarynyň bazarynda emele gelen kärende tölegleriniň derejesinde, ýöne kärendesine alnan emlägiň könelmeginiň, ulanylmagynyň we abatlanylmagynyň öweziniň dolunmagy boýunça harajatlardan pes bolmadyk derejede bellenilýär.

Kärende töleginiň möçberi kärende şertnamasynyň taraplarynyň ylalaşmagy boýunça kärende şertnamasynda göz öňünde tutulan möhletlerde üýtgedilip bilner. Kärende hyzmatlarynyň bazaryndaky tölegleriň derejesi üýtgän ýagdaýlarynda kärende şertnamasynyň taraplarynyň biriniň talap etmegi boýunça kärende töleginiň möçberine möhletinden öň seredilip bilner, ýöne ol kärendäniň ýyllyk döwründe bir gezekden ýygy bolmaly däldir.

19. Býujet serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän ýuridik şahslar bilen, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda döwlet emlägi üçin baglaşylýan kärende şertnamalarynyň kärende tölegleriniň düzüminde kärende göterimi göz öňünde tutulmaýar.

20. Kärende şertnamalarynda kärende töleginiň möçberiniň düzüminde bellenýän kärende göteriminiň ululygy, kärende şertnamasynyň baglaşylan senesinde hereket edýän Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirme derejesiniň ululygyna köpeldilen, hasapdaky galyndy bahasynyň (maliýe hasabat ýylynyň jemleri boýunça) möçberinden pes bolmadyk möçberde bellenilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kärendesine beriji bilen kärendeçiniň ylalaşan kärende bahasy esasynda kärende obýektiniň ýerleşýän ýerine, onuň gurluşyna we beýleki şertlerine baglylykda kärende töleginiň binýatlyk

möçberine ýokarlandyryjy ýa-da aşaklandyryjy düzediş koeffisiýentleri ulanylyp bilner.

21. Kärendesine alynýan otaglar üçin kärende tölegleri hasaplanylanda, onuň könelmeginiň öwezini dolmak üçin geçirilýän ulanyş geçirimleriniň we hasapdaky galyndy bahasynyň ululygy, jaýyň ýa-da binanyň umumy meýdanynyň, onuň düzümine girýän kärendesine alynýan otaglarynyň meýdanyna deňeçerliginde kesgitlenilýär.

22. Kärende şertnamasyna laýyklykda, eger-de kärende şertnamasynyň şertlerinde başgaça göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda, kärende töleginiň ähli möçberi, statistik hasabaty ýöretmek maksady bilen, kärendeçi tarapyndan ygtyýarly edaranyň ýörite (üstaşyr) hasabyna geçirilýär.

Kärendeçiniň tölän pul möçberi görkezilen ýörite (üstaşyr) hasaba gelip gowşandan soň, ygtyýarly edara tarapyndan 5 bank gününden gijä galynman degişli ugurlara paýlanylýar.

23. Kärende tölegleri şu möçberlerde paýlanylýar:

1) Aşgabat şäheriniň häkimliginiň býujetden daşary hasabyna:

a) Aşgabat şäheriniň häkimliginiň hasabynda duran kärende obýektleriniň kärende töleginiň möçberiniň 100 göterimi;

b) Aşgabat şäheriniň etraplarynyň häkimlikleriniň kärende şertnamalary boýunça Aşgabat şäheriniň häkimliginiň we onuň etraplarynyň häkimlikleriniň garamagyndaky edara-kärhanalaryň kärende şertnamalary boýunça, şeýle hem ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hasabynda duran ýaşaýyş jaýlaryndaky ýaşalmaýan otaglaryň kärende şertnamalary boýunça alynýan kärende töleginiň peýdasynyň ýüzden 50 göterimi;

ç) Aşgabat şäheriniň häkimliginiň, Aşgabat şäheriniň etraplarynyň häkimlikleriniň täjirçilik merkezleriniň, kinoteatrlarynyň, sport toplumlarynyň, myhmanhana hojalygynyň hem-de onuň garamagyndaky kärhanalaryň hasabynda duran kärende obýektleriniň kärende töleginiň peýdasynyň ýüzden 25 göterimi;

2) Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna:

a) welaýatlaryň häkimlikleriniň, welaýatlaryň şäherleriniň we etraplarynyň häkimlikleriniň hasabynda duran kärende obýektleriniň kärende töleginiň möçberiniň 100 göterimi;

b) welaýatlaryň häkimlikleriniň, welaýatlaryň şäherleriniň we etraplarynyň häkimlikleriniň täjirçilik merkezleriniň, kinoteatrlarynyň, sport toplumlarynyň, myhmanhana hojalygynyň hem-de onuň garamagyndaky kärhanalaryň hasabynda duran kärende obýektleriniň kärende töleginiň peýdasynyň ýüzden 25 göterimi.

24. Şu Tertibiň ýigrimi üçünji böleginde görkezilenlerden beýleki kärende tölegleriniň peýdasynyň 50 göterimi Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýär.

25. Şu Tertibiň ýigrimi üçünji we ýigrimi dördünji böleklerine laýyklykda kärende tölegleriniň geçirilýän böleklerinden galan bölegi kärendä berijiniň hasabyna geçirilýär.

26. Döwlet emläginiň kärende şertnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi kärendesine berijiler we ygtyýarly edara amala aşyrýar.

27. Kärende şertnamasy boýunça borçlaryny göwnejaý ýerine ýetiren kärendeçi beýleki deň şertlerde ony uzaltmak üçin üçünji şahslaryň öňünde artykmaç hukuga eýedir.

28. Kärende şertnamasynyň şertleriniň bozulmagynda günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler, ýeňip geçip bolmajak güýjüň ýagdaýlarynyň netijesinde emele gelen hem-de kärende şertnamasynda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlar muňa degişli däldir.

Kärendeçiniň kärende şertnamasynyň şertlerini ýerine ýetirmezligi, şol sanda kärende tölegini şertnamada bellenilen möhletden yzly-yzyna 2 aýlap tölemän gijä goýmagy kärende şertnamasyny bes etmek üçin ýeterlik esas bolup biler.

29. Kärende şertnamasy bes edilenden soň, kärendesine berijiniň razylygy bilen, eger bu kärende şertnamasynyň şertlerinde göz öňünde tutulan bolsa we onuň ýaramlylygynyň peselmegine getirmeýän bolsa, kärendeçi tarapyndan öz serişdeleriniň hasabyna geçirilen kärendesine alnan emlägiň bölünip aýrylmaýan gowulandyrylmalary kärendesine beriji tarapyndan oňa tölenilmäge degişlidir.

Kärendesine berijiniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli rugsady bolmadyk ýagdaýynda, kärendesine alnan emlägiň durkuny täzelemäge we oňa goşmaça bina gurmaga kärendeçä ýol berilmeýär.

30. Eger kärendesiniň möhletiniň gutarmagy sebäpli gaýtarylýan emläk ony alan ýagdaýyndaka laýyk gelmeýän (dogry peýdalanmagynyň netijesinde dörän kadaly könelme muňa girmeýär) bolsa, kärendesine berijä zeleliň möçberiniň öwezini dolmak kärendeçä (ýa-da baglaşylýan ätiýaçlandyryş şertnamalarynda göz öňünde tutulan ätiýaçlandyryş halaty ýüze çykanda degişli ätiýaçlandyryş guramasyna) degişlidir.

31. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kärende gatnaşyklarynyň subýektleriniň-ýuridik şahslaryň üýtgedilip guralmagy ýa-da eýesiniň çalşylmagy kärende şertnamasynyň şertleriniň düýpli üýtgedilmegi ýa-da möhletinden öň bes edilmegi üçin esas bolup bilmeýär.

32. Eger kärendeçi kärende gatnaşyklary gutarmanka emlägi gaýtaryp berýän bolsa, onda ol diňe şeýle ýagdaýda, öz deregine töleg tölemäge ukyply we kärendesine beriji üçin kabul ederlikli täze kärendeçini teklip eden ýagdaýynda kärende tölegini tölemekden boşadylýar.

Täze kärendeçi kärende şertnamasyny şol öňki şertlerde kabul etmäge razy bolmalydyr.

Eger kärendeçi şonuň ýaly kärendeçini teklip edip bilmese, onda ol kärende gatnaşyklary gutarýança kärende tölegini tölemelidir.

33. Kärende şertnamasy boýunça şertnamada bellenilen möhletden yzly-yzyna 2 aýdan köp tölenmän gelnen kärende tölegini we hasaplanan puşmana puluny kärendesine beriji ýa-da Ygtyýarly edara meýletin ýa-da kazyýet tertibinde töletdirýär.

Yzly-yzyna 2 aýdan köp tölenmän gelnen kärende tölegi boýunça algy baradaky töleg talapnamasy bank edarasyna berilýär.

34. Kärende şertnamasyny baglaşmazdan ýa-da onuň möhletini uzaltmazdan hakyky ulanylan kärende obýektleri üçin hasaplanylan (ýa-da alnan) kärende tölegi

(goşulan baha üçin salgydy hasaba almazdan) Türkmenistanyň Altyn asyryny ösdürmegiň döwlet gaznasyna geçirilýär.

35. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdüriýetiniň ýerlerdäki bölümleri tarapyndan barlagyň dowamynda döwlet emläginiň kärendesiniň bellenilen tertibiniň bozulmalary ýüze çykarylan ýagdaýynda, olar bu barada ygtyýarly edara habar berýärler.

36. Baglaşylan kärende şertnamalary we kärende tölegleriniň gowuşmagy hakyndaky maglumatlar ygtyýarly edara tarapyndan degişli hasabat senesinde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine onuň tassyklan hasabat görnüşi boýunça berilýär.

37. Kärende şertnamasynyň birkysmy görnüşi we bu şertnamany bellige almagyň tertibi ygtyýarly edara tarapyndan bellenen tertipde tassyklanýar.

38. Döwlet emlägini kärendesine bermek bilen bagly şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.